# Kaçalka

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kaçalka KAÇALKA

Al howada ganat gerip uçýan deý,
Endigan hereket edýär kaçalka.
Eýesine gujagyny açýan deý,
Göýä diýsriñ, ädim ädýär kaçalka.

Ussa barsa, barmasa-da çemine,
Başyn egip, galdyrşyna döneýin.
Ýer ýiligin dartyp alyp demine,
Ammarlary doldurşyna döneýin.

Gelenden, geçenden habar tutup dur,
Gije-gündiz dynman başyn atyp dur,
Hojalyga altyn goşant datyp dur,
Işiñ kemin goýman edýär kaçalka.

Goýmak gerek däl-le onuñ gomuna,
Sahylygyn bildirşine döneyin.
Ýer ýiligin dartyp alyp demine,
Ammarlary doldurşyña döneýin.

Bir däl olar, dumly-duşda galgaýar,
Maña bak diýp, hersi golun salgaýar,
Sekuntsaýyn ýer astyna ylgaýar,
Lezzetli tagamy dadýar kaçalka.

Ussañ demri derman emi-ýomuna,
Bolmaz işi boldurşyna döneýin.
Ýer ýiligin dartyp alyp demine,
Ammarlary doldurşyna döneýin.

Seni döredene minnetdardyryn,
Ömürbaky şonuñ bilen ýardyryn.
Ýeke dälsiñ, men arkañda bardyryn,

Tükenmez magdany gädýär kaçalka.

Ussa barsa, barmasa-da çemine,
Başyn egip, galdyrşyna döneýin.
Ýer ýiligin dartyp alyp demine,
Ammarlary doldurşyna döneýin.

Berdi KERBABAÝEW Goşgular